# Täsin adam bilen söhbet -3

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täsin adam bilen söhbet -3 ÜÇÜNJI SÖHBET

– Gurban aga, şygyr diýen senediň muşakgatly ýoluna haçan baş goşduňyz?

– 1939-njy ýylda obamyzda uly toý boldy. Şonda Saragtdan Gutly şahyr bilen öz obadaşym, daýy ugrumdan Gylyç şahyr ikisini garşyma-garşy oturdyp, şygyr aýtdyrdylar. Şondan soň meniň goşgy goşasym geldi. Ýöne nädip goşmalydygyny bilemokdym. Mugallymymyza Berdi Töre diýýärler. Häzirem bar ol. Şondan soradym: «Ýoldaş mugallym, goşgy nädip goşulýa?». Olam ýanyna çagyryp, goşgy goşulyşyny öwretdi. «Öz ýazan goşgyňy ýatlap bilmeseň, sen şahyr bolubilmersiň» diýdi. 39-njy ýylda «Burk urýar gazlar» atly ilkinji ýazan goşgym mekdepdäki diwar gazetinde çykdy.
Şahyr daýym Gylyç Öwez bilen pikir alyşýardyk. Soň Nury Annagylyç gazetlerde peýda bolup ugrady. Oň-a ýanyna gidibilmezdik-de, goşgusyny okardyk. Şonuň bilenem uruş turdy.

– Urşa meýletin gitdiňizmi?

– 1941-nji ýylyň güýz aýlarynda Aşgabatda düzülen 87-nji aýratyn atyjylyk türkmen brigadasynda harby tälim alyp başladym.. 1942-nji ýylyň awgust aýynyň ortalarynda otla münüp, ýola düşdük. Uzak ýol aşyp, Moskwanyň eteginde Noginsk diýen duralgada otludan düşüp, tokaýda saklandyk.

– Şo ýerdenem front ýollaryňyz başlanypdyr-da?

– Hawa, şeýdibem biziň uzak front ýollarymyz başlandy. Bir topar şäherleri, obalary faşistlerden azat etdik. 1943-nji ýylyň 30-njy awgustynda Ýelnýa azat edildi. Indi biziň diwiziýamyza hem 76-njy Ýelnýa diwiziýasy diýildi. Bir gezek üç gün goranyşda oturyp, çuň garym gazdyk. Topçularyň,

minomýotçylaryň goldamagynda irden çozuşa geçildi. Duşmanlary oturan garymyndan gaçyrdyk. Ep-esli öňe gidildi. Öýlänaralar duşman ägirt uly güýç bilen hüjüme geçdi. Duşman yza serpikdirerden köpdi. Tanklaryny penalap, pyýada goşunlary öň ýanymyzdaky ýapynyň ýüzünden ylla ýer süýşen ýaly bolup gelýärdi. Öňki gaýdan garymymyza çekilmeli diýen buýruk boldy. Şo halat duşman samolýutlary üstümizde peýda bolup, bizi oka tutmaga başlady. Biziň topçularymyzyň aşakdan atmagyna garamazdan, ýokardan şaglap inip, pulemýot okuna tutýardy. Yza çekiliş düzgüni boýunça yza çekilip, ýapyrylyp ylgap gelýärdim. Garyma az aralyk galypdy. Öň ýanymda gana bulaşyp ýatan adam kellesini galdyryp:

– Soldat, göter – diýdi. Eglip arkama aldym ony. Gaty ýadawdym. Bu hem üstüne urna boldy. Ol adamyň egninde pogony bolmasa-da, boýnundan asylgy dürbüsi, ýanyndaky telefon apparaty komandirligini aýdyp durdy. Beýle ýanynda bolsa bir esgeriň agzy gum garbap ýatyrdy. Gapdalynda bolsa telefonçylaryň sim saraýan katuşkasy durdy. Hyk-çoklap göterip, ýaralyny eltip tranşeýde goýanymda, «Heý, weý» diýenimi özümem duýmandyryn. Ýaňky ýaraly birden:

– Türkmenmiň? – diýdi.

– Hawa, türkmen – diýdim. Şonda ol:

– Ajap gowy, türkmen bolsaň. Hany, meni galdyr-da, tranşeýiň diwaryna söýe – diýdi. Buýrugyny berjaý etdim. Ýaraly dürbüsinden duşman tarapa seretdi-de:

– Duşman-a gazaba münüpdir. Toplar bilenem aragatnaşyk kesildi. Sim ýolundy. Biz häli şu ýerräkden geçipdik. Üzülen simiň ujy şu töwerekde bolmaly. Sen tranşeý bilen git. Hökman telefon simine duşarsyň – diýdi.

Men onuň diýen tarapyna gitdim. Uzak gitmeli bolmadym. Tranşeýiň üstünden geçen simi çekdim. Ujy uzakda däl eken. Simi çekip alaga-da, getirip telefon apparatyna çatdyk. Telefon işläp başlady. Komandir:

– Alýo, alýo, «Berýoza», «Berýoza», men «Ýolka». Maňa gulak as. «Oriýentir 2. Prisel 5. Ot aç, ot aç. Käte bärräk, käte aňyrrak. Berekella. Ot açyň! – diýýärdi.

Ýaralanmadyk ýoldaşlarym henizem o ýerden – bu ýerden gelip,

özlerini tranşeýe oklaýardylar. Öň ýanlarymyzdan keýtikläp gözgyny süýrenip gelýänler hem görünýärdi. Men hem öz ýaragym bolan Degterýow pulemýotyny sazlap, taýýar bolup durdum. Biziň tarapymyzdan toplaryň, minomýotlaryň gümmürdisi artyp başlady. Samolýotlarymyz ýetişdi. Netijede, çozup gelýän duşman goşunlary tranşeýimize ýetip bilmedi. Üstlerini duman basdy. Duşmanyň birnäçe tanky öň ýanymyzda bagryny ýere goýdy. Duşmanyň bir samolýoty bolsa asmanda gara tüsse zolagyny emele getirip, bir ýerlerde ýykylyp, ýalyna öwrüldi. Agşamara imi-salalyk boldy. Ýaňky komandir:

— Hany esger, indi tanşaly! Nireli bolarsyň? — diýdi.

— Saragt raýonynyň Ata obasyndan bolaryn — diýdim. Olam öz gezeginde:

— Meniň adym Garamyrat, familiýam Geldiýew. Semennik — Stalin raýonynyň Woroşilow adyndaky kolhozynda ýerleşýän orta mekdebiň direktorydym. Bir wagtky Ata Mänelini atan Sylap girjigiň dogan ýegeni bolaryn — diýdi.

Ertire çykdyk. Leýtenant Geldiýewi sanitarlar alyp gitdiler.

— Ömür ýadyňyzda galan wakalardanam gürrüň beräýseňiz?

— Warşawa tarap her gün gülle dolysynyň arasynda süýşülip barylýardy. Bir sapar duşman çozanda, ony serpikdirip bolmady. Pyýadadan ozup gaýdan tank bilen başa-baş söweşmeli boldy. Duşman tanky golaý gelende, granat çogdumyny zyňanymy, birem çuň okobyň gyrasynyň gumuny penjeläp gaýdanymy bilýärin. Şondan başga zat ýadyma düşenok. Özümden gidipdirin. Ýoldaşlarym bolsa «Öldi» diýen netijä gelip, öňe gidipdirler. Çöregim bitin eken. Ölmän galdym. Meýdan gospitalyna äkitdiler. Selçeňräjik tokaý. Maşyn-maşyn ýaraly esgerleri getirýärler. Şonça-da tyla ugradýarlar. Ýaraly kabul edilýän ýerde serwi boý, garaýagyza ýakyn, gara gözelek bir gyza gözüm düşdi. Çadyryň ortasyndaky stoluň üstünde süýndürip ýatyranlarynda ol familiýamy sorady.

— Çaryýew Gurban — diýdim. Onda ol gyz:

— Wiý, jigim ekeniň — diýip, türkmençe sözledi.

Men haýran galmakdan ýaňa gözüme, gulagyma ynanmajak boldum.

Wagty bilen öňki katdyma gelip bilmedim. Ertesi ýazan çadyryma gelip:
– Burnuň düýbünden çümen çoýun bölegi çep gözüňe az-owlak zeper ýetiripdir. Baş wraç seni tyla ibermekçi boldy. Ýöne men ondan haýyş edip, tyla ibermegini goýbolsun etdirdim. Sen jigim, şu çadyrda sanitar bol-da, meniň ýanymda geziber – diýdi. Men hem bolýa diýdim. Ine, şeýdip sanitar bolup ugradym. Onuň bilen günde-günaşa gabat gelip öwrenişdim. Boşlak wagtym men oňa Oguljan atly gyza aşyk bolandygymy, ony hiç wagt unutmajakdygymy, yşkynda saýrap ýazan goşgularymy aýdyp berdim. Ol hem özüniň büzmeýinlidigini, adynyň Saçlydygyny, familiýasynyň Dursunowadygyny aýtdy. Bir gün gijara çadyryň işiginde odun döwüp duran wagtym täzeje geýnüwli, orta boýly, dykyz garaýagyz, ala gözli starşiý leýtenant golaýyma geldi-de:
– Salam – diýdi. Men hem öz gezegimde soldat düzgüni boýunça:
– Salam – diýdim. Ol maňa siňe-siňe seretdi-de:
– Gurban, senmi? – diýdi. Men hem tanadym:
– Ýoldaş starşiý leýtenant – diýip, boýnuna bökdüm.
Bu starşiý leýtenant bir ýyl mundan ozal ýaraly ýatyrla okoba süýräp getirenim semennikli Garamyrat Geldiýew bolup çykdy. Özüni bejerdip, Kowelden bäri söweşip gelýänligini mälim etdi.
– Gabat gelen polkdaşlaryňdan soradym. Hiç hili derek tapmadym. Ahyry bir polkdaşyň «Öldi» diýdi. Gaty gynandym – diýdi. Soňra ol özüniň bu ýere tanyş-bilşiň gabat gelmeginiň mümkinligini, toplarynyň golaýdadygyny aýtdy-da: – Sen bu ýerde näme işläp ýörsüň? – diýdi. Men özümiň sanitardygymy aýdamda, ol:
– Sen bu ýerde beýdip ýörme. Meniň topçym ýetenok, men seni topçy edip alaýyn – diýdi. Men hem:
– Saçly uýam berse, baş üstüne – diýdim. Onda ol:
– Saçly uýaňdan rugsat alaryn – diýdi-de, Saçlynyň çadyryna girdi. Ol birsalymdan öwrülip geldi-de:
– Aldym – diýdi. Az salymdan Saçlyň özem geldi-de:
– Jigim, men seni goýberjek däldim. Uruş uruş bolýar-da – diýdi-de, hatlarymy düzedip berdi…
1944-nji ýylyň 31-nji dekabrynda G. Geldiýew meni ýanyna

çagyryp:
— Şu gün diwiziýamyzyň baýdagyna Suworow ordeni dakyljak. Sen şol dabara gatnaşmaly hem-de diwiziýanyň ordenini gutla, söz bererler — diýdi.
Biz barmaly ýerimize baranymyzda, dabara gatnaşmaly esgerler nyzama duran eken. Biz hem durmaly ýerimizde durduk. Ýelnýanyň adyny göterýän Gyzyl Baýdak ordenli 76-njy atyjylyk diwiziýasynyň baýdagyny general-maýor Gerwasaýew aýmançada nyzama duran esgerleriň öňüne getirdi.
Korpusdan gelen general diwiziýamyzyň gazanan söweş edermenlikleri dogrusynda sözledi. Baýdagymyzdaky Gyzyl Baýdak ordeniniň gapdalyna Suworow ordenini dakdy. «Urra!» sesler ýaňlandy. Dabarada söz berlen komandirler, esgerler çykyş etdiler. Men hem öz gezegimde «Diwiziýam» atly täze döreden on bäş bentden ybarat goşgymy okap berdim. Goşgymy okap, hatara durmakçy bolanymda, ildeşlerim meni göter-hä-göter etdiler.
Täze ýyly garşylamak üçin ýerzemine ýygnandyk. Her kim gören-eşideninden söhbet açdy. Men büzmeýinli dostum Gurbanmämmet Durdyýewiň topçular bilen komandiriň arasyndaky aragatnaşyk kesilende okuň astynda süýşüp, üzülen prowodanyň 16-syny çatyp, sargy sarap, 17-nji üzülen ýerini çatmaga mejaly ýetmän, simiň iki ujuny eliniň aýasynda gysyp, aragatnaşygy ýola goýup, wepat bolşy barada ýazan goşgymy okap berdim…
Ýeňiş gününi biz Elba derýasynyň boýunda garşyladyk. Şonda Aşgabatdan ugran diwiziýamyzyň 8 müň kilometr ýol geçendigi, şonuň hem 2 müň kilometrini aldym-berdimli gan döküşikli söweşleri başdan geçirenligi hakda aýdyldy. Diwiziýamyz dargadyldy. Men 20–30 esger bolup, atyjylyk diwiziýanyň bir polkuna düşdüm. Baryp polkumyzda bir gije bolduk. Ertesi mündük otlyň biline. Ýüzümiz Watana sary. Şol wagtlar göwünler göge galyp, asmanda perwaz urýardy. Breste gelindi. Bu ýer Watana gaýdyp gelýän esgerlerden ýaňa hyň berýärdi.

— Begenjiňiziň çägi bolan däldir!

— Hawa-la. Onsoň nemes otlusyndan düşüp, sowet otlusyna münüldi. Belorussiýada düşürer öýtdük. Düşürmedi. Moskwada

düşürer diýişdik, bolmady. Sibire ýetdik. Nirede bolsa bir ýerde düşürer-dä diýip, galkynan göwünler pessaý-pessaý pesläp başlady. Küpämden çykyp, däliziň ugrunda wagonyň aýnasyndan uzaklara seredip durdum. Garaýagyz, garagözelek, syrdam, pälwansypat, döşi iki Gyzyl Ýyldyz ordenli ýigit golaýyma geldi.

– Türkmenmiň? – diýip soradym.

– Edil özüdir – diýdi. Soňra ol özüniň Aşgabadyň Gökje obasyndandygyny aýtdy. Men hem oňa tanyşlyk berdim. Adyny soranymda, adynyň Amangulydygyny aýtdy. Gepimiz alyşdy gitdi. Nowosibirskiden geçdik. Gitdikçe ulurak duralgalarda harby eşelonlaryň sany köpelip başlady. Üsti tankly, özi ýöreýän toply, katýuşadyr minomýotly, doly ýaraglanan soldatly eşelonlardan haýsy duralga barsak, hyryn-dykyn doludy. Aýratyn biziň otlymyz ýolagçy wagonlydy. Kimdir biri marşal Wasilewskiniň biziň otlymyzyň bir wagonynda barlygyny ýaňzytdy. Bir duralgada duramyzda, biziň otlymyzyň gapdalynda gelip duran otluda, tankyň üstünde «men türkmen» diýip duran ýaly bir ýigide gözüm kaklyşdy. Men Amangula ol tankyň üstündäkini görkezip:

– Bizden ýaly-la – diýdim.

Amanguly agzyny açmanka, ol ýigit:

– Edil özi, sizden – diýdi.

– Geliş niredendir? – diýdim.

– Geliş-ä çehleň Pragasyndan – diýdi. Soňra ol özüniň Kerkiniň Kerkiçisindendigini, adynyň Işanguly, familiýasynyň Gurbanowdygyny aýtdy. Ol ýigitden bir bilen zadymyz şo boldy. Ýöne döşündäki Şöhrat ordeniniň gapdalynda dört medalyň bardygyny gördük. Otlymyz ugrady. Baýkal kölüniň aşak etegini syryp, Burýat-Mongol ASSR-niň içini çöküp, Çita oblastynyň bir duralgasyna baryp duramyzda, düşmeli diýen buýruk boldy. Düşdük. Amangulydan şu ýerde aýrylyşdym. Goşun pyýadalap kötellikden-kötellige geçip gidip otyr, gidip otyr. Gapdalymyzdan tulpar ýabyly, tilki telpek, ýüzleri ýasyja, müçenesi kiçi, jotda esgerler iki örküçli düýelere toplaryny tirkäp, gapdallaşyp ugrady. Marşal Çoýbalsan goşuny diýdiler. Manjur serhetine ýetildi. Ýapon samuraýlary bilen uruş

başlanjagyny düşündirdiler. Şonda men «Günbatarda süýnmedik meýlim, gündogarda süýnäýse, obama gowuşma ýog-ow» diýip, içimi gepledemde göwräm titräp gitdi.
1945-njy ýylyň 9-njy awgustynda Günbataryň gümmürdisi Gündogarda gümmürdäp başlady. Hemme frontlaryň komanduýuşisiniň marşal Wasilýewskidigini bildik.
Şeýle hem bilelikde iňlis, amerikan, mongol, hytaý goşunlarynyň söweşýändigini düşündirdiler. Ýapon samuraýlary gysga wagtyň içinde kül-peýekun edildi. Bir geň galan zadym: samuraýlar ýesir düşmekçi bolanda, 50–60 metrlik öň ýanynda durup, ýaraglaryny başlaryndan üç gezek aýlap, elleriniň tersine zyňyp goýberýär. Elleriniň aýasyny açyp, elinde hiç zadyň ýoklugyny doly görkezip, 5–10 metr öň ýanyňda dyzyna çöküp, dilini sallap oturýar. Dört barmagyny ýumup, başam barmagyny çommaldyp, ellerini galdyrýar.
3-nji sentýabr güni Uly Hengan dagynyň beýik gerşine çykdyk. Ýeňiş baýdagyny dikdik. Şonda ýapon urşundan hem diri çykanyma begenip, Hengan dagyna ýüzlenip goşgy ýazdym.

– Uruşdan öň näme kär etdiňiz?

– 1948-nji ýyla çenli harby gullukda boldum. Aşgabat ýer titremesinden soň gullukdan boşadyldym. Gelibem Baýramalydaky oba hojalyk mekdebinde okadym. Ony gutaramsoň, Saragta işe iberdiler.
1951-nji ýylda Türkmenistanda bir ýerde şahyr bolsa, adresini tapsam, şoňa hat ýazyp ugradym. Nury Annagylyjyň adresini tapdym. Onuň özi saragtlam bolsa, nirede ýaşaýanlygyny bilemokdym. Goňşy Ataýap obasynda ýaşaýan eken. Ondan delalat isläp, hat ýazdym. Şahyryň goşgularyny göçürýän Aşyrguly Muhammet bardy. Oňa ýazdym. Gadymy şahyrlaryň däbine eýerip, güýjüm ýetse-ýetmese sowal bilen oňa ýüzlendim. Şägirdi jogap berýä-de, halypaň özi jogap bermedi. Onsoň «Näderkä?» diýip, türkmen şahyrlarynyň hemmesini agzap goşgy ýazdym. «Merjen däneler» atly kitapda Gurban Wehiminiň ady bilen çap edilen şol goşgymy men Nury Annagylyja ýazypdym.
Bir gezek baramda Nury Annagylyjyň özi ýok eken. Aşyrguly

bilen gürrüňdeş boldum. Şonda ol «Kerim Gurbannepesem gelip, şu ýerde oturdy. Senem şahyr bolarsyň» diýdi. Kerim 47-de barypdyr, men 51-de bardym. Kerim Gurbannepes bilen olaň aýdyşyklary bar eken.
Aşyrguly bir gezek Kerimi obalaryna aýlapdyr. Mekdeplerine eltende, bir owadan gyz bar eken. «Şoňa aşyk boldum» diýip, Kerim goşguly hat ýazan ekeni.

Obaňyzda gyz gördüm…

Wah, ýadyma düşjek däl-dä, Aşyrgulam jogap beripdir.

Bizden saňa salyr gyzy berilmez,
Onuň üçin gam iýmegin, Kerim jan.
Gaty gitseň, asla ýüzüň görülmez.
Onuň üçin gam iýmegin, Kerim jan…

Onsoň Kerim Gurbannepes «Aşyrguly kätibiň tirebaz eken» diýip, Nury Annagylyja hat ýazypdyr. Mende şol aýdyşyk goşgular bar. Arada Aşgabada gelende Aşyrgulynyň sesini ýazyp aldym. Aşyrguly Kerimiň ýokuş görenini bilip, «Gytçylygy ýok bizde gyz bilen duzuň. Goý, Nury Annagylyç ikimiz saňa gaýyn bolaly» diýen mazmunda hat ýazypdyr. Şeýdip olar ýaraşypdyr. Uly aýdyşyk.
«Bä, bul-a, gaty gowy ekeni» diýip, öz içimden pikir etdim. Nury Annagylyçlardan gelemsoň, Ata Köpege goşguly hat ýazdym. Ata Köpegem maňa «Gaýybana dost Gurban Çary, hatyň kellämiň çagşan wagty gelip gowuşdy. Jogap berjek däl. Salam bilen, Mergenow Ata Köpek» diýip jogap iberipdir. Onsoň men şahyryň obasyna, Keseýaba gitdim. Barsam, öýünde ýok eken. Oglanlary bilen gürrüňdeş bolup gaýtdym. Aýnaköl diýen obanyň çetinden geçip gelýärkäm, ýoluň ýakasynda bir topar gelin-gyz işläp ýör eken. «Şolaryň birini söýdüm» diýip, Ata Köpege hat ýazdym. Ata Köpekden jogap haty alyp, göwnüm ganatlandy.
Raýonda işläp ýörün. Goşgularym raýon gazetinde çykyp ýör. Aşgabada-da, gazetlere iberýän weli: «Aý, kapiýasy bolanok, nämesi bolanok, munyň goşgy däl» diýip jogap alýan.
1959-njy ýylda Saragta şahyr Ýylgaý Durdyýew bardy. Bu ýerde

onuň bile okany bar eken. Şolara bardy. Şonda menem, Gylyç şahyram çagyrdylar. Berdi kakamam geldi. Goşgy aýdyp berdik. Ýylgaý «Bular goşgy däl» diýdi. Biziň-kä şo boldy. Ýylgaý «Rentgen şöhlesi ýaly hemme zady bilip ýören adamdyr. Ýokary bilimli, şahyr» diýip, şeýle düşünjämiz bardy. Ýylgaýyň gepini edil tumara gaplan ýaly edip hemmämiz gapladyk.
Elli dokuzynjy ýylyň ahyrynda Aşgabada göçüp geldim. Bu taýda-da ilki tanşanym Ýylgaý boldy. Soň Öwezmyrat, ýene-ýeneler bilen tanyşdym. Goşgularymy okap bersem: «Munyň goşgy däl. Mundan goşgy bolmaz» diýdiler. Halk bolsa, aýdym edip ýör. Birem çykanok weli, ýöne aýdym edilip ýör.
Bizde, Saragtda şeýle bir düzgün bardy. Şahyr bolsun, bagşy bolsun, garşyma-garşy oturyp, biri aýdyp bir nokada gelensoň, başgasy yzyny götermelidi. Ine, mysal üçin, Nury Annagylyç öňümizden gaçardy. Üç-dört şägirt bolup bizem taýýar bolup oturandyrys. Şeýdip märeke sowardyk. Bagşyçylykda-da şoň ýalydy.
Biz, ine, şol endik bilen gezdik. Tejende, ynha, Meret Gaýly atly kitaphanaçy bardy. Şahyr. Köp goşgusy çykdy. Ol Kerim Gurbannepes bilen aýdyşygy ilki gurnanlaň biri. Menem onuň bilen sataşdym. Köp aýdyşdym oň bilen. Onuň Kerim bilen aýdyşygy kän. «Goňşy obaňyzda Geregim barmy?» diýip, goşgy ýazýan eken Kerim. «Meniň ýigit wagtym, seniň gyz wagtyň» diýip, goşgy bagyşlanan gyz bolmaly şol. Gerek diýilýän şo gyzam biziň daşkyrak garyndaşymyz bolmaly.
Geregim, Geregim, sensiň Geregim
Sen bolmasaň goý gapylsyn garagym –
diýilýän Gerek bilen Kerim «Tejenstroýda» işleýän döwründe tanşypdyr. Onam bermändirler. Garyndaşlary ony Kirowyň Lenin adyndaky kolhozyna göçüripdirler. Şonda Meret Gaýlydan sorapdyr: «Goňşy obaňyzda Geregim barmy?» diýip.

– Gurban aga, Sizi Wehimi lakamy bilen gowy tanaýarlar?

– Ýaňy men Aşgabada göçüp gelenimi aýdypdym. Tanşan şahyr oglanlarym hem görkezen goşgularyma «Munyň bolanok» diýýärler. Baran ýeriňem «bolanok» diýýär. Onsoň «Bolýarmy ýa bolanokmy?

Synanaýyn-la» diýip, ýüregime daş baglap, altmyş birinji ýylda akademiýaň Dil we edebiýat institutyna bardym. Porjan diýen biri bilen gürleşdim. Olam dodagyny çöwrüp gepleşýär meň bilen. Muňa-da jynym atlandy. Oň ýanyndan lapym keç bolup gaýtdym. Soň idäp-sorap Kakaly Berkeliniň öýüne bardym. Ol şo wagtlar köne şahyrlary ürç edip öwrenýärdi. «Siziň bilmeýän şahyryňyzy bilýän» diýdim. Ýüregimi indi bete tutup ugradym. «O nähili şahyr?» diýdi. O wagtlaram «Edebiýat we sungat» gazeti «Mirasymyzy öwrenýäris» diýen sözbaşy bilen makalalary yzygiderli çap edýärdi. Şonda käbir goşgular çap edilýär weli, öz goşgymça ýok diýip düşündim. Ýüregimi daşa baglap, synag hökmünde «şu zeýilli goşgy bilýän» diýdim. «Ýatdan bilýän. Sähetli kakamdan öwrendim» diýdim. Menden hiç zat oslanoklar, akademiýaň institutyna baramda-da, redaksiýa gelemde-de. Şundan bir zat çykar» diýip oslaýan ýok. «O nähili şahyr?» «Gurban Wehimi diýen şahyr!» Wehimi sözüni hem Hojaberdi Hanowdan eşitdim. Ol bir gezek gürrüňdeş bolanda «Öz döwründe Çernyşewskiý bilen Gersenden ýokary gatlak wekilleri wehim edipdir» diýdi. Şo wagtlaram özüme lakam gözläp ýördüm. Wehim sözi ýüregime jüňk bolaýdy. Onuň yzyna «i» goşdum weli, edil şap bolaýdy. Sebäbi türkmende Gurban atly köp.
«Goşgusyny bilýäňmi?» diýdiler. «Kän goşgusyny bilýän» diýdim. Yşky goşgularym gaty kändi. Aýdyp berdim. Ýazyp aldylar. Haý diýmänem «Gurban Wehiminiň goşgulary» diýip goşgular gazetde peýda boldy. Goşgularyň içinden täze sözleri aýyrýardym. Şeýdip uly depder taýýarladym. Soň weli sorag ýüze çykyp ugrady: «Nirede, haçan doglan?» «Anyklaryn» diýip, göni Tejeniň «Lenin ýoly» kolhozyna geldim. Bu ýerde garyndaşlarym ýaşaýardy. «Men-ä bir işler gaýrandyryn» diýdim. Eden işimi bolşy-bolşy ýaly gürrüň edip berdim. «Yzynda durubiläýseň» diýdiler. Köp ýyl kolhoz başlygy bolup işlän agamyz (ol häzirem bar): «Aý, Gurban jan, dek başyňy depirjik äre beripsiň-ow!» diýdi. «Heý, sizde bir arap elipbiýini bilýäniňiz ýokmy?» diýdim. «Mollagurban kakaň-a bar» diýdi. «Näçinji ýylda ýogaldy?» «Kyrkynjy ýylda», «Näçe ýaşynda?» «Ýetmiş bäş ýaşynda». Onuň hem doglan wagty Sakarçägäniň Aýnaköl obasynda oturan döwrümize gabat geldi. Aýalynyň adam

Ogulhal. Meniň goşgularymyň gahrymanam Oguljan.
Şeýdip o mesele-de çözüldi. Öň näbelli şahyr Gurban Wehiminiň goşgulary yzly-yzyna çykyp ugrady. Şo wagtlar men uniwersitetiň gurluşyk fakultetinde okaýardym. 2-nji kursunda okap ýörkäm, frontda kellämden degen ok ýerinden gozgandy-da, zähmet ukybymy ýitirdim. Kelläm ajal ýassygyna ýetdi. Meni wraç Bäşim Hydyrowyň ýanyna eltdiler. Dişimiň ýüzünden eti sypyryp, ol meni okdan halas etdi.
Şondan soňam zähmet ukybymy ýitirşim. Okuwam taşlamaly boldum. Kynçylygam şo wagt başlandy. Gara çörege, mekge çöregine zar bolduk. Aýalymam maýyp, çagalammam çülpe, özümem maýyp. Şu ýerde men size bir zat aýdaýyn. Iň agyr zat, bir maşgalada dürli çaga eklemek eken. Öňki aýalymdan galan çaga, agamyňam gelni öldi-de, onam çagalary meň boýnumda. Üç dürli çagaň göwnüni tapmak kyn eken. Özem açlygam başlandy. Her çaga 200 gram ak çörek berip, galanam beýleki çörekdi-dä. Gidip getirmäge-de adam ýok. Garaz, baş alyp çykdyk-da!
1963-nji ýylda «Merjen däneleri» atly kitap çykdy. Onda-da 22 g лşgy bilen «Mary» poemasyny goýberipdirler. Şol çykandan soň, Saragtdan iki sany adam – Ýazly Nary bilen Gumalak Hally «Edebiýat we sungat» gazetine hat ýazypdyr. «Bu zeýilli şahyr ýok. Biz 90 ýaşly garrylardanam soraýas, onuň ýaly zat ýok. Gurbanyň öz edip ýören zady» diýip ýazypdyrlar. Ýazly Nary diýýänim mugallym. Meň goşgularymy aýdym edip aýdýardy. Ol gaty kän goşgymy bilýädi. Redaksiýa-da o haty instituta iberipdir. Şübhe döräp ugrapdyr. «Merjen dänelerden» soň, 1964-nji ýylda özbaşdak on çap listlik kitap çykmalydy. Kitaby taýýarlan oglan bir gün öýümize ýüzüni sallap geldi. «Näme boldy?» «Aý Saragtdan hat gelipdir». Menem dil haty berdim «Goşgular meňki däl» diýip. Üç ýerine-de gol çekdim.
Şübhe astyna düşensoň, kitaby çapa goýbermediler. Çykartjak bolup oňa-muňa ýüz tutdum. Bolmady. Bir gün hormatlap ýören edebiýatçy professoryma gabat geldim. Onuň ýanynda boýnuma aldym: «Pylan aga, men goşgy ýazdym, çykardyp bilmänem şu güne düşdüm». Olam «Şu usulyňda geziber» diýdi. Şonuň diýenini etdim. Ruhdan düşmedim. Ýazmagy dowam etdirdim.
Kitabyň-a çykmajagyna gözüm ýetdi. Şo ýylyň martynda gazetde

«Täze tapylan şahyr» diýip, meni paş ediji uly makala çykdy. Maýda-da institutda ýygnak geçirildi. Tribuna çykyp: «Goşgular meňki däl» diýdim. Çekeleşik boldy. Belli netijä gelip bilmediler. Şondan soň hiç ýerde ýüzüm ýok. Ýüzi gara boldum. Eger-de meň goşgularyma birde-ýarymda bolýa diýip, azajyk göwünlik beren bolsalar, men o ýagdaýlara düşjek däl. Menem özümi çyn watançy ogullaryň hatarynda medally, ordenli adam saýýardym weli, bir şaýa geçmeýän adam bolup galyberdim. Dogrusyny aýdaýyn, men şol sahna keýpine çykmandym.
Şo wakadan birnäçe wagt geçensoň «Edebiýat we sungata» bardym. Gurbannazar Ezizow şonda maňa hemaýat edip: «Toplarym» diýen goşgymy çykartdy. Emma käbir şahyrlar hakda mende ýakymsyz ýatlamalar galdy. Bir gezek «Sowet Türkmenistany» gazetine bardym. Edebiýat bölüminde işleýän ýigide goşgymy görkezdim. 30 bentden ybarat goşgy. Frontda türkmenistanly esgerleriň görkezen söweş edermenligi wasp edilýärdi. Bölüm müdiri okap: «Munyň milletçilik bolýa» diýdi. «Aý, bolýa, milletçilik bolsa, görkezmenem» diýdim. Eşidýän zadyň şolar ýaly. Soň şo goşgy gysgaldylyp, «Edebiýat we sungatda» on bäş ýyldan soň çykdam-la.
Adam başa iş düşende tanalýar. Saparmyrat Reýimow şo wagtlar «Tokmakda» işleýärdi. Ol meniň satiriki goşgularymyň onlarçasyny žurnalda çykartdy. Men oňa bu doganlyk kömegi üçin ömür-baky minnetdar. Ilki Gurban Çary diýip çykarýardylar, soň Gurban Wehimi, Gurban Çary Wehimi at bilen hem goşgularym çykyp ugrady. Soň Çary Aşyr, Pomma, Saparmyrat Reýim žurnaldan gitdiler.
Gökdepäň raýon gazetinde işleýän Ilmyrat Pudagam kän goşgularymyň çap edilmegine sebäp boldy. Söweşde wepat bolan türkmen esgerlerine bagyşlap, gaty kän goşgym bar. Gazetde işleýän oglanlaryň biri «Kim hakda ýazsaň, ony gahryman derejesine ýetiräýýäň» diýip, igenjek boldy. «Watan üçin kellesini goýandan soň, şondan uly gahrymançylyk bolarmy?» diýdim. Hökman «Ýyldyz» dakynmakmy näme?
Indem täze döwre geldik. Häzir aýanlyk. Kitap çykartmagyň aladasynda. Geçen ýyl «Türkmenistan» neşirýaty täze kitabymy çapdan çykardy.

Ýetmişe golaýlap barýan. Uruşda wepat bolan-u-bolmadyk polkdaşlarym hemişe ýadymda. Segseninji ýyllaryň başlarynda söweş ýollarymyzy yzlap ýola düşdüm. Şo zyýaratdan men 500-den gowrak wepat bolan türkmen esgerleriniň adyny ýazyp getirdim. Arada bolsa uruş ýyllarynyň esger hatlarynyň, dokumentleriniň, suratlarynyň bir toparyny döwlet arhiwine tabşyrdym.
Bu zatlaryň hemmesi indiki nesil üçin edilýär.

«Syýasy söhbetdeş» gazeti, 18.03.1992.

«Türkmenistan kommunisti» žurn. № 4, 1990 ý. Söhbetdeşlik